# Mollanepes fenomeni




Şahyryň öz sözleri bilen gapdaldan alnan keşbini döredip, onam bize miras goýup girmegi klassyklarymyzyň döredijiliginde gaty seýrek duşýan, seýrekligi bilenem gyzykly we gymmatly edebi faktdyr. «Zöhre-Tahyr» dessanynda Mollanepes epiki gahryman bolup hereket edýär. Bu gahrymanda şahyryň lirikada berip bolmaýan sypatlary we ömrüniň anyklyklary saklanyp galypdyr. Gahrymanyň edebi obrazdygyna garamazdan, onuň gatnaşýan bäş epizody tas Mollanepesiň terjimehalynyň bäş sany fakty hökmünde kabul edilýär. Duranja baýlyk we bahasyz serpaý bolan bu jikme-jiklikler söz ussadynyň tutuş döredijiligini, şol sanda lirikasyny-da laýyk aňlamagyň çalşyrgysyz obeýktiwidir. Olarda Nepes aşyk şahyr däl-de, onuň şahsyýeti şygryň çeperçilik kanonlary bilen şertlendirilýär. Liriki subýekti hökmünde däl-de, müneçjim alym, çagalara ylym öwredýän mugallym, ýaşlara nika gyýýan molla, merhumy jaýlamaga gatnaşýan gölegçi, patyşa gyzyna töwella edýän kyýamatlyk ata keşbinde, ýagny janly wakalarda anyk janly adam bolup hereket edýän şahs hökmünde dikelýär. Möhüm zat — şol janly adam üstaşyry seredeniňde, şahyr Mollanepesiň şahsyýeti bitewilik we gutaryklylyk häsiýetine eýe bolýar.

Eýsem, Mollanepes Mollanepes hakynda näme diýýär, käbir wajyp maglumatlary okap göreli: «Ol köp ýollardan habardar erdi. Hem örän yşkbaz bolup, yşk ýolunda köp zähmetler çekip erdi». Gürrüň, elbetde, dürli ylmyň ýollaryndan habarlylyk barada barýar. Şahyryň şygyrlarynyň birinde hem magşuk gyz oňa «Il saňa alym diýer» diýip ýüzlenýär. Onuň özem dessanynda «Müneçjim ylmyndan kitap açyp men» diýip aýdýar. Tutuş döredijiliginden onuň dini we çeper edebiýaty düýpli bilendigi belli bolýar. Ol lirikada beýik Nowaýy bilen Fizulynyň däplerini ýörediji, diňe goşgy däl, eýsem tas ýokarky ägirtleriň derejesinde gazal we muhammes döreden ussatdyr. Yşkbazlyk hem onuň ideologiýasynyň we estetikasynyň aýratynlyklaryny hem-de özenini kemala getirýär. Yşkbazlyk — hemişe yşka meşgul adamyň durmuş obrazy, yşk bolsa Allatagalanyň ynsan dünýä gelmezden ozal, ýagny oňa ten berilmezden öň ýaradylan bir jöwher — substansiýadyr. Şol sebäpdenem ol dünýäniň sosial we gaýry geldi-geçer moduslaryndan (dürli görnüşlilik) has ýokardadyr. Şol sebäpli hem ol ynsanyň hulkuny we ömrüniň gözellik manysyny aňladýar. Bu pikir dessanyň sýužetinde Zöhre bilen Tahyryň öz duşmanlaryndan rüstem gelýänligi tassyklanýar.

Aýaly Bossantäjiň yşk pelsepesine düşünişi Mollanepesiňkiden kem däl. Dessanyň başynda ol ýagny doglan patyşa gyzyna at dakmak hukugyna eýe bolupdyr. «Ýene bir ýyldyz bardyr, ol dokuzylanjy pelegiň ýüzünde dogýar, adyna Zöhre jeňňi diýerler, özi mutrup — bazygär bolan yşky belent sazandadyr, ýüzüniň şöhlesi Aý-Günüň şöhlesinden ýedi esse zyýatdyr». Şu maglumatlar Mollanepesiň lirikasynyň mahal-mahal badyhowalyk bolup görünýän howalylygyna, ylaýta-da «Belent perwaz eýleýip. Arşa çykar owazym» diýen ýaly setirlerine (arş — dokuzynjy pelegiň ady) aňyrsy — düýbi bilen düşünmäge kontekst —

puryja döredýär. Bossantäjiň «Men hem seniň dek gaty aşyklygy görmesem hem, çalarak güzerinden garap erdim» diýen sözleri-de şahyryň magşuk obrazynyň içginliklerine ýetmekde ähmiýetlidir. «Yşk ody dowzahdan beterdir» diýen sözleri bolsa şahyryň «Dowzah meni ýaka bilmez» ýaly setirlerine ugrukdyrýar.

Dessanyň gahrymany Mollanepesiň söýgi baradaky pikirleri umumylaşdyryjy — filosofiki häsiýete eýe. Onuň ganatly sözlere öwrülip biljek afoizmleri ýada salýan «Yşkyň açary sabyr etmekdir» pähiminde şahyryň «menininiň» gaýtalanmaz jöwheri bar. Ol biziň ruhy medeniýetimizde rowaç bolan «Jennetiň açary sabyrdyr» formulasynyň täzeçe, mollanepeslerçe interpretirlenmegidir. Ýene bir kontekstde ol « Dünýäniň düýbi sabyr etmekdedir» görnüşde geçýär. Yşka berýän ahlak — filosofiki ähmiýetiniň nukdaýnazaryndan söýgi üçin gurban bolan Tahyryň jesediniň gapdalynda duran Nepesiň: «Eý, halaýyk, gaýtmaň, her kişi şehidiň geýminden ýa onuň üstüne ýapylan zadyndan bir sapak alsa, oňa dowzah ody haramdyr» diýen düşünjesi yşkyň şahyr üçin ynam — ygtykat görkezijisi bolandygynyň faktydyr.

Dessan arkaly biz özümiz üçin şahyryň gylykhäsiýetininem käbir taraplary açýarys. «Bu molla Zöhre bilen Tahyryň bir-birine aşykdyklaryny biler erdi- özi bir ýana çykyp gitdi», «Molla hökmünde çydap bilmän atyny eýerläp, eltini hem alyp ýola rowana boldy», « Molla pahyryň  dili tutulyp, jogap berip bilmedi», «Molla sesini çykaryp bilmedi» ýaly kartinalar onuň sypaýylygyny, ýuwaşlygyny oňat görkezýär.

Eýsem Mollanepesiň yşk makamyny açýan epizody onuň aşyklar patyşasy Perhat-Şiriniň, Leýli-Mažnunyň getiren altyn pyýalasyndan hakykat şerabyny içýän ýeridir. Bu oňa yşka düşmekde, yşka düşünmekde we yşky wasp etmekde berlen ak patany alamatlandyrýar. Mollanepesiň Magtymgulyny oňat bilenligini, ony özüçe teswirländigini şahyryň döredijiliginiň faktlary boýunça tassyklap bolar. Halypanyň «Bu derdi» şygryndaky «Kimdir yşkyň ýükün çeken merdana» diýen ritoriki soragyna Nepes Zöhräni göz öňünde tutup jogap berýär: «Sen-sen yşkyň ýükün çeken merdana». Şeýlelikde, Nepes söýginiň Magtymgula mahsus mistiki — ylahy düşünilişinden ruhy — ynsany düşünilişine tarap aňly-düşünjeli ädim ädýär. Netijede ol yşky ynsan aragatnaşyklarynyň ýeterlik çuňňur hadysany hökmünde hem metafiziki, hem sosial — ruhy interpretirlän şahyr bolup öňe çykýar. Şeýle-de bolsa, biziň klassykly edebiýatymyzda ynsan yşkyň çuňňurlyk taýdan hiç mahalam mistiki söýgini düşündiriş derejesine ýetirip bilmändigini boýun almalydyrys.

Mollanepesiň söýgi lirikasynda Gündogar poeziýasynyň kanonlarynyň hökmürowanlygy bilen çeper diliň şum awtomatizmini emele getirýän göçürme äheňler we çeper serişdeler türkmen diliniň janlylygy we terligi bilen, magşugyň kononiki portreti bolsa real türkmen gyzynyň obrazy bilen utgaşýar. Bu utgaşyk dogrusyny aýtsaň, okyjynyň sulhana we şahsy hajatlaryna baglylykda şahyryň şygryýetine iki hili gatnaşygyň döremegine sebäp bolýar. Ýöne şuňa dahylsyzlykda. Mollanepes klassyky poeziýamyzyň iň ýokary estetiki derejesini alamatlandyrýar. Sebäbi klassykany estetiki çeperçilik kanunlar kesgitleýär. Galyberse-de, edil biziň klassykamyzda döredijilik originallygy meselesi original, häzirkisinden başgaçarak çözülýär. Düýp manysy özüňden öňkülerde «ýok zady» tapmakdan, döretmekden däl-de, olary özüňçe, täzeden interpretirlemekden ybaratdyr. Şu ýerden edebiýatymyzyň janly durmuşa gatnaşygynyň üýtgeşikligi, bizde ösüş diýilýän zadyň aýratynlygy gelip çykýar. Şu ýerdenem Nowaýyda, Fizulyda işlenilen äheňleriň we formalaryň ýarym janly, ýarym jansyz dowamaty gelip çykýar. Şu ýerdenem şol bir öwrümleriň hem-de birlikleriň bir şahyryň döredijiliginde sähel üýtgeşme bilen bir şygyrdan beýlekisine göçüp-gonup ýörmesi gelip çykýar. Durnukly däpleriň çägindäki stil özboluşlylygyň biri hökmünde şahyryň poetiki sintaksisiniň, ylaýta-da, täriniň terligini agzap bolar. Bu onuň şygryna ýakymly owazlylyk bilen şahyrana pikirlenmesiniň we ritmiň erkanalygyny berýär. Bu — Mollanepesiň ýüzüni görkezýän ulgam özboluşlylygy.

***Gähi ýüzüňden öpsem,***
***Gäh alma ýaňakyňdan.***

***Gähi nahal dek çyrmaşyp,***
***Kä öpüşip, kä guçuşyp.***

***Gözümiň degresi möwç urup dolar,***
***Gündizler ýaş bile, gijeler gana.***

***Zerewşan gulpagy, syýa käkili,***
***Çöşseň — ýere düşer, örseň — billere.***

Bu hadysa ýöne bir tehniki tilsimiň çäginden çykýar. Ol awtoryň döredijilik şahsyýetini we edebi däplere hem-de durmuşa pikir — duýgy gatnaşygynyň erkinligini görkezýän ideologiki we estetiki faktdyr. Bu tär ynsanyň söýgi duýgularynyň Mollanepesden öň açylmadyk çuňlugyny, inçeligini, howalylygyny, nepisligini hem-de psihologik köp öwüşginliligini aňlatmagyň açaryna we usulyna öwrülýär.

Senetde we sungatda şeýle ussatlyga ýetmegi Mollanepese hatda däpleşen şahyrana sözde-de real türkmen gyzynyň töwerekleýin keşbini döretmäge mümkinçilik beripdir. Bu düýpli, diňe çeperçilik däl, eýsem umumyruhy manyly we ähmiýetli meselede ol XVIII-XIX asyr lirikamyzda taýsyzdyr. Onda türkmen gyzynyň doly hem bütin portreti — egin-eşigi, oturşy-turşy, edaly hereketleri beýan edilýär. Mimikasy, endikleri, şeýle-de duýgulary we emosiýalary, gahary, garaz, janly hem tebigy obraz göz öňüne gelýär.

***Otyr ýarym syýa zülpün daranyp,***
***Darap boldy başa öýme oranyp.***

***Gotazyna kelamylla ýazylan,***
***Şimu-zerden ança nagyş çyzylan,***
***Ýakasyna göwher — dürler düzülen ...***

***Ak gollar synada tapmyş kemaly,***
***On barmakda ýüzük lagyl mysaly,***
***Serinde ebrişim, egninde aly,***
***Suraý gerdenleriň tylla-tumarly.***

***Gara gotaz, altyn gupba başynda,***

***Gyýa bakyp, timar berip zülpüne,***
***Bir elinde aýna, bir elde şana.***

***Keten köýnek egninde, başa öýme oranyp.***

Bu obrazyň gurluş we many merkezinde, elbetde, gyzyň ejaplylygy we edepliligi durýar.

***Zalymy — edna golunda bendi — zyndan bir gözel.***

***Habaryň almyşam hezar ant bile.***

***Zulmuna dözmeýin namyrat galar.***

***Adyňy zikr etmäge dilde ýok perman.***

***Ýüz sorap, bir jogap ala bilmedim,***
***Sözlemezmi adamzatdan bolan, gyz?!***

***Uýalyp, ýerge bakyp bizden ki yba kyla sen.***

Şeýle real gözellikden şahyr söýginiň ynsan durmuşynyň manyly hadysasydygy baradaky şahyrana — pelsepe umumylaşdyrmalara geçýär.

***Nepes diýer, adatdyr möwç urup joşmak,***
***Aşyga humardyr ogryn garasmak.***
***Hem jilwe, hem gamza, näz-u kereşme***
***Mekan tutmuş göz-gaşyňda gollarda.***

Netijede, magşuga bolan duýgy ynsan hulkunyň esasy gymmatlyklarynyň biri hökmünde kesgitlenilýär. Bu bolsa öz gezeginde şahyryň durmuş söýüjiligini kemala getirýär.

***Köňlümiň hoşgähi, sungy — ylahy.***

***Didara tabyp bolgan neýlär bu dünýä malyn.***

***Hoş suraty — hoş kamat, sen-sen***
***ýalan jahanda.***

Mollanepes mistiki söýgä pisint edenok. Şu manyda ol Magtymgulynyň şägirdi bolardan başga adamdyr. Degişli çeper açyşlaryň bary jemlenip, ahyr-soňunda «Istäp ki gözel ýary» hakyky ajaýyplygyň döremegine getiripdir. Bu şygyrda XIX asyr türkmen durmuşynyň we mentallygynyň bir pursatynyň bakylyp beýany bar. Gapma-garşylykly, bir-birine geçip durýan duýgularyň beýany boýunça, hem umytly, hem gussaly äheňleriň al-elmanlygy boýunça ýumor bilen çynlakaýlygyň, agraslyk bilen oýunbazlygyň ýuka tragizm bilen çuňňur durmuş söýüjiliginiň utgaşygy boýunça real durmuşyň mährini we terligini özünde alyp galan sözlriň berk ölçegli şahyrana forma öwrülip bilenligi boýunça we ýene köp-köp täsinlikleri boýunça bu şygyr klassykanyň bezegidir. Şonuň üçin ol has giňişleýin we has düýpli derňewe mynasyp hem mätäç. Munuň özi başga bir gürrüňiň temasydyr. Häzirlikçe, aýdylanlaryň jemlemesi hökmünde şuny aýdyp bolar: Mollanepes fenomeni beýik Galkynyşlar döwründe täze jähetleri açylýan milli ruhumyzyň özboluşly çeperçilik beýanydyr.

*Aman ŞYHNEPESOW*
*Taýýarlan: Ş.A*
*Türkmen Kultur Ojagy, Göteborg*